# Meniň Aýjemalym gymmat bahaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meniň Aýjemalym gymmat bahaly MENIÑ AÝJEMALYM GYMMAT BAHALY

*(Aýdymdan)*

Ýadymdan çykarman şol täsin haly,
Göz öňümde ajap syraty häli.
Gara göz, gara gaş, gara saçlyny,
Gördüm Aýjemaly, gymmat bahaly.

Eçil sen, eçilseň hazyna, maly,
Nurdan, dürden, gülden ýasalan ýaly,
Eserdeň garaýşly, paýhasly başly,
Gördüm Aýjemaly, gymmat bahaly.

Meger goýny jennet, zowky-sapaly,
Melul edýän mymyk badysabaly.
Ýuka dodaklyny, inçe billini,
Gördüm Aýjemaly, gymmat bahaly.

Görenler aşykdyr, Perhat mysaly,
Görmedikler duýsun özün hataly.
Düýşümden, huşumdan aýrylmaýany,
Gördüm Aýjemaly, gymmat bahaly.

2008 ý

- **Söýgi näme**

Söýgi nämekä, janlarym?!
Anyk jogapsyz duýgy bu.
Bagtdyr ol, şowly bolanda,
Şowsuz bolsa çuň gaýgy bu.

Kimmi, nämemi, söýýäniň,
Seni ýaşaýşa iterýär.

Şonsuz saňa dowzah dünýä,
Durmuş manysyn ýitirýär.

Durmuş manysy ýitdigi,
Bagtyň ýatdygy.

2020 ý. Goşgular